# Şygryýet melekleri / makalajyklar toplumy – Oguljemal Çaryýewa

Category: Goşgular,Hekaýalar,Kitapcy,Söhbetdeşlik,Sözler,Şygryýet melekleri,Türkmen dili
написано kitapcy | 21 января, 2025
Şygryýet melekleri / makalajyklar toplumy – Oguljemal Çaryýewa
OGULJEMAL ÇARYÝEWA




*Oguljemal Çaryýewa, meşhur şahyr, ruhyýeti öwreniji, Türkmenistanyň at gazanan medeniýet işgäri.*
O.Çaryýewa 1953-nji ýylyň 22-nji fewralynda Mary welaýatynyň Ýolöten etrabynyň Talhatanbaba obasynda doguldy. Orta mekdebi tamamlandan soň Türkmenabadyň Seýitnazar Seýdi adyndaky pedagogik institutunda okady. 1976-njy ýylda öz okan mekdebinde türkmen dili we edebiýaty mugallymy bolup işe

başlady.
Ilkinji «Gözellik hakda» atly goşgusy 1969-njy ýylda Ýolöteniň «Täze durmuş» etrap gazetinde çap boldy. Ilkini kyssa eseri bolan «Ene» hekaýasy bolsa 1975-nji ýylda «Mugallymlar gazetinde» çap edildi.
1978-nji ýylda Aşgabat şäherindäki Döwlet kitaphanasynda ilki uly kitaphanaçy, soň redaktor, uly redaktor bolup işledi. Kitaphanada işlemegi ony ylym dünýäsine hasam çuň aralaşmagyna çäksiz mümkinçilikleri döretdi. Muny onuň özi: «Kitap okamaga bolan söýgim, kitaphana bilen ysnyşdyrdy. Ýogsam şol döwürdäki türkmen dilinde çykýan neşirlerden işe çagyrylmadyk redaksiýam ýok. Meniň kitap okamaga bolan islegimi bolsa diňe kitaphana bitirip biljekdi» diýip ýatlaýar.
Şahyryň sözleriniň dogrudygyna onuň döredijiligindäki goşgularyň, dürli makalalaryň, şeýle-de hekaýalaryň aňyrsynda uly zehin bilen janypkeşligiň ýatandygy onuň döredijiligi bilen tanyş bolan her bir okyja mälimdir. O.Çaryýewanyň çuňňur manyly, pelsepeli tymsallary okyjyny biparh galdyrmaýar. Şahyra zenanyň goşgularynda folklordaky lälelere çalymdaş sadalyk, şirinlik bar. Bu bolsa okyjyny ol eserleri okamaga has imrindirýär.
Şahyryň döredijiligine mahsus bolan pikirleriň çugdamlygy, ideýa-mazmunyň sagdynlygy goşgularyň özboluşly çykmagyna ýardam edýär. Şeýle aýratynlyk onuň galamyndan çykan eserleriň ählisinde açyk-aýdyň duýulýar.
O.Çaryýewanyň eserleri ýurdumyzda çap edilýän gazet-žurnallaryň ählisinde diýen ýaly yzygiderli öz ornuny tapyp gelýär.
Şahyryň Watan öňünde bitiren hyzmatlary, bitiren işleri göz öňünde tutulyp, ol 1996-njy ýylda «Watana bolan söýgüsi üçin», 1999-njy ýylda «Gaýrat» medallary bilen, 2001-nji ýylda «Garaşsyz Türkmenistana bolan beýik söýgüsi üçin» ordeni, 2010-njy ýylda «Türkmenistanyň at gazanan medeniýet işgäri» diýen hormatly at bilen, 2011-nji ýylda «Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 20 ýyllygyna» ýubileý medaly, 2014-nji ýylda «Magtymguly Pyragy» medaly bilen sylaglandy. Şeýle hem Türkmenistanyň Prezidentiniň yglan eden «Türkmeniň Altyn

asyry» bäsleşigininň 2003-nji, 2008-nji, 2013-nji ýyllaryndaky ýeňijisidir.
Şahyr O.Çaryýewanyň edebiýat dünýäsinde, milli mirasymyzy toplamakda we ony gaýtadan halka ýetirmekde eden işleri onuň 65 ýaşamagy mynasybetli Türkmenistanyň Döwlet medeniýet merkeziniň Döwlet kitaphanasynyň Bibliografiýa bölümi «Şahyr Oguljemal Çaryýewa» atly bibliografik görkezijini taýýarlady. Bu saldamly kitapdan Oguljemal Çaryýewanyň neşir edilen kitaplarynyň, dürli ýyllarda gazet-žurnallarda çykan goşgularyň, hekaýalarynyň, makalalarynyň aglaba bölegininiň adyny tapmak bolýar.
O.Çaryýewa häzir Metbugat merkeziniň kitaphanasynyň kitaphanaçysy bolup işleýär.

- **Hakynda ýazylanlar:**

1). K.Gurbannepesow «Pikir hem şahyranalyk» (O.Çaryýewanyň «Rowaýat» we «Doganlaryma» atly goşgulary barada), «Edebiýat we sungat» gazeti, 30.08.1985;
2). O.Amanowa «Undulan «Deňiz» hem derýalar»(O.Çaryýewanyň döredijiligi barada), «Яш коммунист» gazeti, 16.01.1988;
3). A.Mämmedow «Şygryň ykbaly ~ okyjynyň ykbaly» (O.Çaryýewanyň döredijiligi barada), «Ýaşlyk» žurnaly, 1988, N»3;
4). O.Ussaýewa «Oguljemal Çaryýewa / Bahar bulaklary», «Magaryf»-1989;
5). B.Annabaýewa «Bagtyýarlyk – ylhamym» (O.Çaryýewa bilen söhbetdeşlik), «Garagum» žurnaly, N»4;
6). D.Tekäýewa «Zenan ýüreginiň ylham sährasy», «Edebiýat we sungat» gazeti, 15.07.2017.

Taýýarlan: A.Saparowa.

- **ALA HORJUN**

Men seni elime alyp otyryn,
Gözüne çöp atyp gamly gijäniň.
Gör, men otyrynmy ýa-da ýatyryn,

Parhy ýok, tün gördi özüm tijänim.

Içimde bir duýgy, göýä, bir bulak,
Akyp dur söz bolup,
käte göz bolup.
Gije diňşirgenýär asyplar gulak,
Dünýä bakýar nikapdaky ýüz bolup.

Belki-de ol maňa aýdýar erteki,
Ýok, ilki men oňa özüm aýdaýyn.
«Bir bar eken, bir ýok eken…» örtedi,
Kalplarda bagladyp hyýal baýdagyn.

Wagt bolsa geçip dur,
Tutdurman guýruk,
Aý azaşdy, bulut ýolun basgylap.
Men duýgularma bilemok buýrup,
Muny tassyklady, han-ha asgyran.

Bu ömür diýlen zat, göýä, bir argyş,
Söwdasy niçikdir,
Gör, nirä barmyş?!
Içiňde näme bar ala horjunym,
Söwdada aldady meni bu durmuş.

Albaýa ynandym, tanaman hetdim,
Etmedik işim kän,
nämeler etdim.
Gör, elimde bolsa ýogyn alaja,
Köňül matasyny çykaryp petden,
Säwlikler men bolup, meni baglaýar.

Otyryn,
dulumda ~ boşan sallançak
Yralaýar
hem men bolup aglaýar… Şygryýet melekleri